TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ
SAÝLAWLARY

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTLIGINE DALAŞGÄR HÖDÜRLEMEK BOÝUNÇA TEKLIPÇI TOPARLAR ÜÇIN

# Ý A T L A M A

# П А М Я Т К А

# ДЛЯ ИНИЦИАТИВНЫХ ГРУПП ПО ВЫДВИЖЕНИЮ КАНДИДАТА В ПРЕЗИДЕНТЫ ТУРКМЕНИСТАНА

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ
SAÝLAWLARY

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTLIGINE DALAŞGÄR HÖDÜRLEMEK BOÝUNÇA TEKLIPÇI TOPARLAR ÜÇIN

# ÝATLAMA

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2016

UOK 324 + 342.8
T 90

T 90 **Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgär hödürlemek boýunça teklipçi toparlar üçin Ýatlama.** – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

TDKP № 332, 2016 KBK 67,99 (2Tü) 05

© Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary
geçirmek baradaky Merkezi topar, 2016



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine hem-de halkara kadalaryna laýyklykda geçirilýän saýlawlar ýurduň jemgyýetçilik durmuşynda demokratiýanyň çuňlaşmagynyň esasy çeşmesi bolup durýar, Türkmenistanyň özygtyýarlylygynyň onuň halky tarapyndan amala aşyrylýandygynyň, halkyň döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk gözbaşydygynyň we Türkmenistanyň halkynyň öz häkimiýetini gös-göni we wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Şu Ýatlama Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenilip düzüldi.

Ýatlamada raýatlar toparlary tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgär hödürlemek boýunça teklipçi toparlaryň agzalarynyň saýlaw möwsüminde alyp barýan işleriniň düzgünleri gysgaça beýan edilýär. Saýlawlarda ýurdumyz boýunça birmeňzeş görnüşdäki resminamalary ulanmak üçin, Ýatlamanyň içinde görkezilen resminamalaryň hemmesiniň tassyklanylan görnüşleri «Saýlaw resminamalarynyň ýygyndysy» atly kitapda görkezilen nusgalara (mundan beýläk – nusga) laýyklykda taýýarlanyldy. Mazmuny boýunça şu Ýatlamany teklipçi toparlaryň agzalarynyň okamagy we bilmegi zerurdyr, şeýle hem olara öz ygtyýarlyklaryny amala aşyrýan wagtlarynda Ýatlamany gözükdiriji hökmünde ulanmagy maslahat berýäris.

# I. Umumy düzgünler

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary Türkmenistanyň raýatlary tarapyndan gizlin ses bermek arkaly ählumumy, deň we göni saýlaw hukugynyň esasynda hem-de bäsleşik esasynda geçirilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary ählumumy saýlawlardyr. Saýlawlar gününe çenli on sekiz ýaşy dolan Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlamaga hukugy bardyr.

Türkmenistanyň raýatlarynyň haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan, olaryň saýlaw hukugyny göni ýa-da gytaklaýyn çäklendirmek gadagan edilýär.

Saýlawlara kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen raýatlar, azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde jeza çekýän adamlar gatnaşmaýarlar. Beýleki halatlarda raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň çäklendirilmegine ýol berilmeýär we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige getirýär.

Ähli saýlawçylar saýlawlara deň esaslarda gatnaşmaga hukuklydyr, her saýlawçynyň bir sesi bardyr. Saýlawlarda ses bermek gizlindir. Saýlawçylaryň öz erkini beýan edişine gözegçilik etmäge ýol berilmeýär. Saýlawlar göni saýlawlardyr, Türkmenistanyň Prezidenti raýatlar tarapyndan gös-göni saýlanylýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine laýyklykda geçirilýär.

Eger Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda Türkmenistanyň Saýlaw kodeksinde göz öňünde tutulan kadalardan başga kadalar bellenilen bolsa, onda halkara şertnamalarynyň kadalary ulanylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlyk möhletiniň tamamlanmagyna azyndan üç aý galanda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan bellenilýär.

Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar (mundan beýläk – Merkezi saýlaw topary) saýlaw möwsüminiň başlanýandygy hakynda saýlawlar gününe çenli azyndan ýetmiş gün galanda yglan edýär. Bu habar köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly ilatyň dykgatyna ýetirilýär.

## II. Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärleri hödürlemegiň tertibi

Dalaşgärleri hödürlemek hukugy saýlawlaryň bellenen gününe çenli bellige alnan syýasy partiýalara, şeýle hem raýatlaryň toparlaryna degişlidir.

Türkmenistanda doglan, ýaşy kyrkdan pes bolmadyk, döwlet dilini bilýän, soňky on bäş ýylyň dowamynda Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan hem-de işläp gelýän Türkmenistanyň raýaty Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgär hödürlenilip bilner.

Hödürlenilen wagtyna çenli iş kesilenlik aýyby öz-özünden aýrylmadyk ýa-da kanunda bellenilen tertipde aýrylmadyk adam dalaşgär hödürlenilip bilinmez.

Dalaşgärleri hödürlemek saýlawlara altmyş gün galanda başlanyp, otuz gün galanda tamamlanýar.

Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgär hödürlenilýän adam Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty bolsa, ol öz-özüni aýyrmak hakynda ýa-da Türkmenistanyň Prezidentligine saýlanylan halatynda deputatlyk ygtyýarlyklaryny bes etmek niýetiniň bardygy hakynda Merkezi saýlaw toparyna ýazmaça habar berýär.

Dalaşgär özüniň saýlawlarda sese goýulmaga razydygy hakynda Merkezi saýlaw toparyna ýazmaça habar berýär.

## III. Raýatlar toparlary tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärleri hödürlemegiň tertibi

### 1. Raýatlaryň teklipçi toparlarynyň döredilmegi we bellige alynmagy

Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary geçirilende, raýatlar topary tarapyndan dalaşgär hödürlemek işlerini raýatlaryň teklipçi toparlary amala aşyrýarlar.

Teklipçi toparyň düzümi Türkmenistanyň saýlaw hukugy bolan raýatlarynyň ellisinden az bolmaly däldir.

Merkezi saýlaw topary teklipçi toparyň ýolbaşçysy we agzalary tarapyndan gol çekilen we olaryň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, ýaşaýan ýeri, şeýle hem toparyň ýerleşýän ýeri görkezilen bellige almak baradaky arzasynyň (13-nji nusga) gelip gowşan gününden başlap, üç günden gijä galman bu topary bellige alýar we onuň her bir agzasyna degişli şahsyýetnama (41-nji nusga) berýär.

13-nji nusga

**Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topara**

**Raýatlar topary tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgär hödürlemek boýunça teklipçi toparyň adyndan**

# A R Z A

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 46-njy maddasyna laýyklykda, raýatlar tarapyndan___________________________

______________________________________________________

(dalaşgärlige hödürlenýäniň familiýasy, ady, atasynyň ady, wezipesi)

Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärlige hödürlemek boýunça, şu aşakdaky _______sany agzadan ybarat bolan teklipçi toparymyzy bellige almagyňyzy haýyş edýäris.

Teklipçi toparyň agzalarynyň sanawy:

| **T/b** | **Familiýasy, ady, atasynyň ady** | **Doglan senesi** | **Ýaşaýan ýeri** | **Şahsy goly** |
|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| | | | | |
| | | | | |

______________________________________________________

______________________________________________________

(teklipçi toparyň ýerleşýän ýeri we telefon belgisi)

Teklipçi toparyň ýolbaşçysy:

_____________________________      ____________

(familiýasy, ady, atasynyň ady)      (goly)

_____________________________

(senesi)

2017-nji ýylyň
12-nji fewraly

Türkmenistanyň
Prezidentiniň
saýlawlary

ŞAHSYÝETNAMA №

Dalaşgärlige hödürlenilýän

____________________________

goldaýan teklipçi toparyň
AGZASY

____________________________

____________________________

*Merkezi saýlaw
toparynyň başlygy* *G.Myradow*

M. Ý.

[illegible]

Berlen senesi __.__.10ý.

## 2. Raýatlaryň teklipçi toparynyň agzalary tarapyndan gollary ýygnamagyň tertibi

Raýatlar toparlary tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgär hödürlenilende, ol saýlawçylaryň azyndan on müňüsiniň goly bilen goldanylmalydyr. Şunda Türkmenistandaky etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň üçden biriniň her birinden gollaryň sany azyndan üç ýüz bolmalydyr.

Gollar diňe Türkmenistanyň saýlaw hukukly raýatlarynyň arasyndan ýygnalyp bilner. Saýlawçylaryň gollaryny ýygnamak saýlawçylaryň işleýän, gulluk edýän, okaýan,

ýaşaýan ýerlerinde, saýlawlaryň öň ýanynda geçirilýän çärelerde, şeýle hem gollaryň ýygnalmagy kanun bilen gadagan edilmedik beýleki ýerlerde geçirilýär.

Ýuridik şahslaryň ýa-da olaryň şahamçalarynyň we wekillikleriniň administrasiýalarynyň gollaryň ýygnalmagyna gatnaşmagyna, şonuň ýaly-da gollary ýygnamagyň barşynda mejbur edilmegine we goluň çekilmegi üçin saýlawçylara hak-heşdegiň ýa-da gollaryň ýygnalmagyna päsgel berilmegine ýol berilmeýär. Bu gadaganlyklaryň gödek ýa-da birnäçe gezek bozulmagy degişli saýlaw topary ýa-da kazyýet tarapyndan ýygnalan gollary hakyky däl diýip ykrar etmek we (ýa-da) dalaşgäri bellige almakdan boýun gaçyrmak üçin esas bolýar.

Saýlawçylaryň gollaryny ýygnamak hukugy diňe dalaşgäri hödürleýän teklipçi toparyň agzalaryna degişlidir.

Gol çekilýän kagyzçalaryň blanklary Merkezi saýlaw topary tarapyndan bellenilen nusga laýyklykda taýýarlanylýar. Merkezi saýlaw topary teklipçi toparyň resmi ýüztutmasyna (14-nji nusga) görä, iki günüň dowamynda gol çekilýän kagyzçalaryň blanklaryny teklipçi toparyň wekiline berýär.

14-nji nusga

**Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topara**

**Raýatlar topary tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgär hödürlemek boýunça teklipçi toparyň agzalarynyň adyndan**

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 46-njy maddasyna laýyklykda, raýatlar tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentligine ________________________________

________________________________________________
(dalaşgäriň familiýasy, ady, atasynyň ady)

dalaşgär hödürlemek boýunça teklipçi toparymyza gol çekilýän kagyzça bermegiňizi haýyş edýäris.

________________________________________________

________________________________________________
(teklipçi toparyň ýerleşýän ýeri we telefon belgisi)

Teklipçi toparyň ýolbaşçysy

________________________ ________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

________________________
(senesi)

Dalaşgäri goldamak üçin her bir gol çekilýän kagyzçada (15-nji nusga) dalaşgäriň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, işleýän ýeri, eýeleýän wezipesi (käri) görkezilmelidir.

15-nji nusga

2017-nji ýylyň 12-nji fewralynda geçiriljek Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary boýunça Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärlige hödürlenilýän ______________________________
(dalaşgärlige hödürlenilýäniň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, işleýän ýeri, eýeleýän wezipesi (käri)).

______________________________ goldaýan

______________________________
(welaýatyň, etrabyň, şäheriň, geňeşligiň, obanyň ady)

______________________________ raýatlary tarapyndan gol çekilýän

## KAGYZÇA

| T/b | Saýlawçynyň familiýasy, ady, atasynyň ady | Doglan ýyly | Pasport belgisi | Ýaşaýan ýeriniň salgysy | Gol çeken senesi | Şahsy goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |

Gol ýygnan ______________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady, pasportynyň belgisi) (goly)

Kabul eden ______________
(goly)
M.Ý.

Gol çekilýän kagyzçada saýlawçynyň familiýasy, ady we atasynyň ady, ýaşaýan ýeriniň salgysy, doglan ýyly (on sekiz ýaşdaky – muňa goşmaça edip doglan güni we aýy), gol çeken senesi elde ýazylyp görkezilýär. Saýlawçy diňe bir dalaşgäri goldap gol çekmäge haklydyr.

Merkezi saýlaw topary tarapyndan teklipçi topara gol çekilýän kagyzçalaryň berlendigi hakynda delilnama (16-njy nusga) düzülmelidir. Delilnamada Merkezi saýlaw toparynyň we teklipçi toparyň wekilleri gol çekýärler.

16-njy nusga

**Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi toparyň gol çekilýän kagyzçalary berendigi hakynda**

**DELILNAMA**

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 46-njy maddasyna laýyklykda, ________________________________________
________________________________________ geçiriljek
(saýlawlaryň geçirlýän senesi)
Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary boýunça raýatlar tarapyndan ________________________________________
____________________________________ dalaşgär hödürleýän,
(dalaşgäriň familiýasy, ady, atasynyň ady)
________________________________________
________________________________________ ýerleşýän
(teklipçi toparynyň salgysy)
teklipçi topara 20___-nji(y) ýylyň ______________ -nji(y) ____________________ da(de), sagat ___:___-da gol çekilýän kagyzçalaryň ________ sanysy berildi.

**Berdim:** Merkezi saýlaw
toparynyň kätibi

______________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

**Aldym:** Teklipçi toparyň
ýolbaşçysy

______________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

__________________________
(senesi)

Her bir gol çekilýän kagyzçada gol ýygnaýan adamyň gollary özüniň ýygnandygy we bu maglumatyň hakykydygy hakyndaky maglumat goşulmalydyr (17-nji nusga), şeýle hem gol ýygnaýan adamyň familiýasy, ady we atasynyň ady, pasportynyň ýa-da şahsyýetini tassyklaýan başga resminamasynyň belgisi, öz goly, şeýle hem gol ýygnalan şäheriň, şäherçäniň, obanyň ady görkezilmelidir.

17-nji nusga

**2017-nji ýylyň 12-nji fewraly**

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ SAÝLAWLARY**

______________________________________________

(dalaşgärlige hödürlenilýäniň familiýasy, ady, atasynyň ady)

**Goldaýan raýatlar toparynyň gol çekilýän**

**KAGYZÇASYNYŇ GOŞUNDYSY**

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

(gol ýygnan adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady, pasportynyň ýa-da şahsyýetini tassyklaýan başga resminamasynyň belgisi)

Men, her bir gol çekilýän kagyzçadaky gollary özümiň ýygnandygym we bu maglumatlaryň hakykydygy we dogrudygy hakynda doly güwä geçýärin.

______________________________________________

(gollary ýygnalan obanyň, şäherçäniň, şäheriň ady)

________________________ ________________

(senesi) (goly)

Teklipçi toparyň agzalary tarapyndan gollar ýygnalanda, olaryň hakyky bolmagy üçin Türkmenistanyň Saýlaw kodeksinde bellenilen talaplar berjaý edilmelidir.

Gol çekilýän kagyzçalaryň aýawly saklanylmagyna we olaryň goraglylygyna raýatlaryň teklipçi toparynyň kagyzçalary alan agzasy jogapkärçilik çekýär.

## 3. Gollaryň hakykylygyny barlamak

Gol ýygnamak bilen meşgullanan teklipçi toparyň agzalary gol çekilip doldurylan kagyzçalary degişli etrabyň, şäheriň saýlaw toparyna tabşyrýarlar. Bu saýlaw topary bäş günüň dowamynda gol çekilýän kagyzçalardaky gollaryň hakykylygyny aşakdaky görkezilen düzgünlere laýyklykda barlaýar.

Gollaryň barlagynyň geçirilmeginiň her bir ýagdaýy hakynda dalaşgärlige hödürlenilýänleriň hemmesine habar berilmelidir. Gollaryň barlagy geçirilende dalaşgärler ýa-da olaryň teklipçi toparynyň wekilleri gatnaşmaga haklydyrlar. Gol çekilýän kagyzçalardaky, ýöne gol çekilmeli kagyzçalar saýlaw toparyna berilmezinden öň dalaşgärlige hödürlenilýänler, teklipçi toparyň wekilleri tarapyndan ýüze çykarylan (üsti çyzylan) gollar, eger bu olar tarapyndan ýörite bellenilse, barlanylmaga we hasaba alynmaga degişli däldir.

Etrabyň, şäheriň saýlaw topary gollaryň hakykylygynyň barlagyny degişli gulluklary (polisiýanyň ýerli wekillerini, etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň Geňeşleriniň hünärmenlerini, Raýatlyk ýagdaýynyň namalar ýazgysy bölümlerini) çekmek bilen amala aşyrýar. Barlaga ähli berlen gollar ýa-da ol gollaryň tötänleýin saýlamak (bije atmak) arkaly seçilip alnan bölegi degişli bolup biler.

**Şular hakyky däl gollar hasaplanylýar:**

- galplaşdyrylan gollar (ýok şahslaryň adyndan çekilen gollar);
- bir adam tarapyndan birnäçe adamyň adyndan ýa-da bir adamyň başga bir adamyň adyndan çekilen gollar;
- saýlaw hukugy bolmadyk adamlaryň gollary;
- gol çekilýän kagyzçada hakyky däl maglumatlar görkezilen saýlawçylaryň gollary;
- saýlawçylaryň dalaşgär hödürlemegiň bellenilen möhletinden öň çeken gollary;
- saýlawçylaryň Türkmenistanyň Saýlaw kodeksinde talap edilýän bir ýa-da birnäçe maglumatlarynyň bolmazlygynda çekilen gollary;
- gol çekilýän kagyzçadaky degişli çäkde ýaşamaýan saýlawçylaryň gollary;
- gol çekilýän kagyzçadaky maglumatlar el bilen ýazylmadyk ýa-da galam bilen ýazylan bolsa, şeýle hem gol çekilen senede saýlawçylaryň özi tarapyndan çekilmedik gollar;
- teklipçi toparyň agzasy bolmadyk adam tarapyndan ýygnalan ýa-da eger teklipçi toparyň agzasy tarapyndan gol çekilmedik ýa-da gollary ýygnamadyk başga bir agza tarapyndan gol çekilen gol çekilýän kagyzçadaky saýlawçylaryň ähli gollary.

Eger Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 46-njy maddasynda göz öňünde tutulan talaplar berjaý edilmese, gol çekilen kagyzça hakyky däl diýlip hasap edilýär.

Degişli etrabyň, şäheriň saýlaw topary gol çekilýän kagyzçadaky gollary barlap bolanyndan soňra, barlagyň netijenamasyny (1-nji goşundy) goşup, gol çekilýän kagyzçalary tabşyran teklipçi toparyň agzasyna yzyna gaýtaryp berýär.

**1-nji goşundy**

**________________ welaýatynyň (Aşgabat şäheriniň)**
**___________________ etrap, şäher saýlaw topary**

## NETIJENAMA

2017-nji ýylyň 12-nji fewralynda geçiriljek Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary boýunça ______________________________________________________________________dalaşgär
*(dalaşgärlige hödürlenilýäniň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

hödürleýän, ____________________________ ýerleşýän _____
*(teklipçi toparyň salgysy)*

teklipçi topar, 2017-nji ýylyň __ -nji(y) _________-da jemi _____ sany goldan ybarat kagyzçalaryň ____ sanysyny tabşyrdy.

Netijede, gol çekilýän kagyzçalardaky ______ sany goluň hakykylygy we _____ sanysynyň hakyky däldigi anyklanyldy hem-de 2017-nji ýylyň __ -nji(y) _______-da teklipçi toparyň agzasy _____________________________________________
_____________________________________________________
*(teklipçi toparyň agzasynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

gaýtarylyp berildi.

_____________ ______________________________
*(goly)* *(ady, familiýasy)*

_______________ **Saýlaw toparynyň başlygy** M.Ý.
*(saýlaw toparynyň ady)*

## 4. Gol çekilen kagyzçalary Merkezi saýlaw toparyna tabşyrmak

Etraplaryň, şäherleriň saýlaw toparlary gol çekilýän kagyzçalardaky gollary barlap bolanlaryndan soňra, teklipçi topar gol çekilen kagyzçalary dalaşgäri goldamak üçin gollary ýygnamak boýunça kitapça görnüşinde tikilen we sahypalary belgilenip doldurylan gol çekilýän kagyzçalary jemläp, saýlawlar gününe çenli otuz günden gijä galman Merkezi saýlaw toparyna gowşurýar. Merkezi saýlaw topary gol çekilýän kagyzçalary kabul edende, olary öz möhri bilen tassyklaýar we saýlawçylaryň gollarynyň sanyny, kabul edilen senesini we wagtyny görkezmek bilen gol çekilýän kagyzçalaryň kabul edilendigi hakynda tassyknama (18-nji nusga) berýär. Tassyknamada Merkezi saýlaw toparynyň we teklipçi toparyň wekilleri gol çekýärler. Tassyknamanyň asyl nusgasynyň biri teklipçi toparyň ýolbaşçysyna berilýär.

Eger gollaryň hakykylygynyň barlagynyň netijesinde ýygnalan gollaryň iki göteriminden köpüsiniň hakyky däldigi ýüze çykarylsa, Merkezi saýlaw topary dalaşgärlige hödürlenilýäni bellige almakdan ýüz dönderýär. Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärlige hödürlenilýäni bellige almakdan ýüz dönderilen halatynda, bu barada haýal edilmän raýatlaryň teklipçi toparyna habar berilýär.

18-nji nusga

**2017-nji ýylyň 12-nji fewraly**

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ SAÝLAWLARY**

**Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi toparyň gol çekilýän kagyzçalary kabul edendigi hakynda**

**TASSYKNAMA**

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 46-njy maddasyna laýyklykda, ______________________________________________
________________________________ raýatlar tarapyndan dalaşgär
(dalaşgäriň familiýasy, ady, atasynyň ady)
hödürleýän ________________________________________________
(teklipçi toparyň salgysy)
____________________________________________________________
____________________________________________________________
ýerleşýän teklipçi toparyndan 20____-nji(y) ýylyň ____-nji(y) _____________-da(de), sagat ___:___-da ____________ sany saýlawçynyň golundan ybarat bolan gol çekilýän kagyzçalaryň ____________ sanysynyň kabul edilendigini tassyklaýarys.

**Kabul eden:** Merkezi saýlaw toparynyň kätibi

____________________________________ ____________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

**Tabşyran:** Teklipçi toparyň ýolbaşçysy

____________________________________ ____________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

## 5. Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärlige hödürlenilenleriň bellige alynmagy

Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärleri Merkezi saýlaw topary bellige alýar. Bellige almak saýlawlara elli gün galanda başlanýar we saýlawlara ýigrimi bäş gün galanda tamamlanýar.

Merkezi saýlaw toparynyň dalaşgärleri bellige almak hakyndaky karary Türkmenistanyň Saýlaw kodeksinde bellenilen tertipde we dalaşgärleriň sese goýulmaga razydygy baradaky arzalary bar bolan mahalynda kabul edilýär. Merkezi saýlaw topary dalaşgärleriň bellige alnandygy hakynda teswirnama düzýär, bu teswirnama dalaşgärleriň razylyk arzalary bilen bilelikde Merkezi saýlaw toparynda saklanylýar. Merkezi saýlaw topary bellige alnan dalaşgäre degişli şahsyýetnama berýär.

Merkezi saýlaw topary Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň talaplary berjaý edilip hödürlenen dalaşgärleriň hemmesini bellige almaga borçludyr. Bellige almakdan ýüz dönderilendigi barada kazyýete üç gün möhletde şikaýat edilip bilner, şikaýata üç günden gijä goýulman seredilmelidir.

Dalaşgär haýsydyr bir saýlaw toparynyň düzümine girýän ýa-da synçy bolsa, ol bellige alnan pursadyndan toparyň düzüminden çykarylan ýa-da synçynyň ygtyýarlyklary bes edilen diýlip hasap edilýär.

ВЫБОРЫ ПРЕЗИДЕНТА
ТУРКМЕНИСТАНА

# ПАМЯТКА

## ДЛЯ ИНИЦИАТИВНЫХ ГРУПП ПО ВЫДВИЖЕНИЮ КАНДИДАТА В ПРЕЗИДЕНТЫ ТУРКМЕНИСТАНА

# ВВЕДЕНИЕ

Выборы, проводимые в соответствии с Конституцией Туркменистана и Избирательным кодексом Туркменистана, являются основным источником более глубокого уровня национальной демократии. Основным принципом суверенитета Туркменистана является свободное волеизъявление народа – единственного источника государственной власти непосредственно или через представительные органы. Настоящая Памятка подготовлена в соответствии с Конституцией Туркменистана, Избирательным кодексом Туркменистана и другими нормативными правовыми актами Туркменистана. В Памятке описываются правила проводимых в избирательную кампанию работ с представителями инициативных групп, образованных гражданами, по выдвижению кандидатов в Президенты Туркменистана в период выборов. В Памятке указаны заверенные образцы документов (далее – образец) взятые с книги «Собрание документации для выборов». Необходимо, чтобы все представители инициативных групп, образованных граждани, по выдвижению кандидатов в Президенты Туркменистана, прочитали настоящую Памятку и знали ее по существу, а также рекомендуем им использовать Памятку в качестве руководства во время осуществления своих полномочий.

# I. ОБЩИЕ ПОЛОЖЕНИЯ

В соответствие с Конституцией и Избирательным кодексом Туркменистана, выборы Президента Туркменистана проводятся на основе всеобщего, равного и прямого избирательного права при тайном голосовании на альтернативной основе. Выборы Президента Туркменистана являются всеобщими. Право избирать имеют граждане Туркменистана, достигшие возраста восемнадцати лет.

Какие-либо прямые или косвенные ограничения прав граждан Туркменистана избирать, быть избранными в зависимости от национальности, расы, пола, происхождения, имущественного и должностного положения, места проживания, языка, отношения к религии, политических убеждений, партийной принадлежности или отсутствия принадлежности к какой-либо партии запрещаются. В выборах не участвуют граждане, признанные судом недееспособными, лица, отбывающие наказание в местах лишения свободы. Ограничение избирательных прав граждан в иных случаях не допускается и влечёт ответственность, установленную законодательством Туркменистана. Граждане Туркменистана вправе участвовать в выборах на равных основаниях. Каждый избиратель имеет один голос. Голосование на выборах является тайным. Контроль за волеизъявлением избирателей не допускается. Выборы являются прямыми. Президент Туркменистана избирается гражданами непосредственно.

Если международными договорами Туркменистана установлены иные правила, чем предусмотренные Избирательным кодексом Туркменистана, то применяются правила международных договоров.

Выборы назначаются Меджлисом Туркменистана не позднее чем за три месяца до истечения срока полномочий Президента Туркменистана.

Центральная комиссия по проведению выборов и референдумов в Туркменистане (далее – Центральная избирательная комиссия) не позднее чем за семьдесят дней до дня выборов объявляет о начале избирательной кампании. Эта информация доводится до сведения населения через средства массовой информации.

## II. Порядок выдвижения кандидатов в Президенты Туркменистана

В соответствии с Конституцией Туркменистана и Избирательным кодексом Туркменистана, право выдвигать кандидатов принадлежит политическим партиям и группам граждан, зарегистрированным до назначенного дня выборов.

Кандидатом в Президенты Туркменистана может быть выдвинут гражданин Туркменистана, родившийся в Туркменистане, не моложе сорока лет, владеющий государственным языком, в течение последних пятнадцати лет постоянно проживающий и работающий в Туркменистане.

Лицо, имеющее судимость, которая ко времени выдвижения не погашена или не снята, не может быть выдвинуто кандидатом.

Выдвижение кандидатов начинается за шестьдесят дней и завершается за тридцать дней до выборов.

При выдвижении кандидатом в Президенты Туркменистана лицо, являющееся депутатом Меджлиса Туркменистана, обязано письменно сообщить в Центральную избирательную комиссию о снятии своей кандидатуры либо о намерении сложить депутатские полномочия в случае избрания Президентом Туркменистана.

О своём согласии баллотироваться кандидат письменно информирует Центральную избирательную комиссию.

## III. Порядок выдвижения кандидата в Президенты Туркменистана группами граждан

### 1. Образование и регистрация инициативных групп, образованных группами граждан

Выдвижение кандидата в Президенты Туркменистана группами граждан проводится инициативными группами. В состав инициативной группы должно входить не менее пятидесяти граждан Туркменистана, обладающих избирательным правом.

Центральная избирательная комиссия не позднее чем в трёхдневный срок со дня поступления заявления (образец 13) о регистрации инициативной группы, подписанного её руководителем и членами, с указанием их фамилии, имени, отчества, даты рождения, места проживания, а также места нахождения группы, регистрирует эту группу и выдаёт каждому её члену соответствующее удостоверение (образец 41).

***Образец 13***

**В Центральную комиссию по проведению выборов и референдумов в Туркменистане**

**от групп граждан по выдвижению кандидата в Президенты Туркменистана инициативной группой**

## ЗАЯВЛЕНИЕ

В соответствии со статьей 46 Избирательного кодекса Туркменистана просим зарегистрировать нижеследующих групп граждан в количестве ______человек в качестве инициативной группы по выдвижению кандидата

______________________________________________

(фамилия, имя, отчество, должность выдвигаемого кандидата )

в Президенты Туркменистана

Список членов инициативной группы:

| **№** | **Фамилия, имя и отчество** | **Дата рождения** | **Место жительства** | **Подпись** |
|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| | | | | |
| | | | | |

______________________________________________

*(место нахождения и номер телефона инициативной группы)*

Руководитель инициативной группы:

______________________ ____________

*(фамилия, имя, отчество)* *(подпись)*

______________________

*(дата)*

*Образец 41*

| | | |
|---|---|---|
| **12 февраля 2017 года** | | **Выборы Президента Туркменистана** |

**Удостоверение №**

**ЧЛЕН**
инициативной группы

__________________________________

по выдвижению кандидата

__________________________________

__________________________________

*Председатель Центральной*
*избирательной комиссии* __________ *Г.Мырадов*
МП

[illegible]

[illegible] __.__.16г.

## 2. Порядок сбора подписей членами инициативной группы граждан

При выдвижении гражданами кандидата в Президенты Туркменистана он должен быть поддержан не менее чем десятью тысячами подписей избирателей. При этом на долю каждого из не менее чем одной трети этрапов, городов с правами этрапа Туркменистана должно приходиться не менее трёхсот подписей.

Подписи могут собираться только среди граждан Туркменистана, обладающих избирательным правом. Сбор подписей избирателей проводится по месту рабо-

ты, службы, учёбы, жительства, на предвыборных мероприятиях, а также в других местах, где сбор подписей не запрещён законом.

Участие администрации юридических лиц или их филиалов и представительств в сборе подписей, равно как и принуждение в процессе сбора подписей и выплаты вознаграждений избирателям за внесение подписи или воспрепятствование сбору подписей, не допускаются. Грубое или неоднократное нарушение этих запретов является основанием для признания соответствующей избирательной комиссией или судом собранных подписей недействительными и (или) отказа в регистрации кандидата.

Право сбора подписей избирателей принадлежит только члену инициативной группы.

Бланки подписных листов изготавливаются в соответствии с образцом, установленным Центральной избирательной комиссией. Центральная избирательная комиссия в течение двух дней со дня официального обращения (образец 14) инициативной группы выдаёт бланки подписных листов представителю инициативной группы.

*Образец 14*

**В Центральную комиссию по проведению выборов и референдумов в Туркменистане**

**от групп граждан по выдвижению кандидата в Президенты Туркменистана от членов инициативной группы**

В соответствии со статьей 46 Избирательного кодекса Туркменистана просим выдать бланки подписных листов группе граждан по выдвижению кандидата в Президенты Туркменистана _______________________

______________________________________________

*(фамилия, имя, отчество, должность кандидата)*

инициативной группе находящейся по адресу _________

______________________________________________

*(место нахождение и номер телефона инициативной группы)*

Руководитель инициативной группы:

____________________ ____________

*(фамилия, имя, отчество)* *(подпись)*

____________________

*(дата)*

В каждом подписном листе (образец 15) должны быть указаны фамилия, имя, отчество, дата рождения, место работы, занимаемая должность (род занятий) кандидата.

**Образец №15**

# ПОДПИСНОЙ ЛИСТ

для сбора подписей граждан за кандидата в Президенты Туркменистана на выборах Президента Туркменистана, проводимых 12 февраля 2017 года

______________________________________________________________

*(фамилия, имя, отчество кандидата, дата рождения, место работы, занимаемая должность (род занятий)*

______________________________________________________________

*( название велаята, этрапа, города, генгеша,села)*

| № | Ф.И.О. избирателя | Дата рождения | Серия паспорта | Место жительства | Подпись | Дата подписи |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |

Подписи собирал: ______________________ ____________ Принял:____________

(фамилия, имя, отчество, серия паспорта) (подпись) (подпись)

Избиратель, расписываясь в подписном листе, указывает следующие сведения: свои фамилию, имя и отчество, место жительства, год рождения (в возрасте восемнадцати лет – дополнительно день и месяц рождения), дату совершения подписи. Избиратель вправе ставить подпись в поддержку только одного кандидата. При выдаче подписного листа Центральной избирательной комиссией инициативной группе, должен составляться акт (образец 16). Акт подписывается представителями Центральной избирательной комиссии и инициативной группы.

*Образец 16*

# АКТ

## о выдаче подписных листов Центральной избирательной комиссией по проведению выборов и референдумов в Туркменистане

В соответствии со статьей 46 Избирательного кодекса Туркменистана на выборах Президента Туркменистана, проводимых

______________________________________________
*(дата проведения выборов)*

группам граждан выдвигающего кандидата

______________________________________________
*(фамилия, имя, отчество кандидата)*

инициативной группе, находящейся по адресу

______________________________________________
*(адрес инициативной группы)*

«___» ____________ 20 __ года в __:__ часов было выдано подписных листов в количестве ___ штук.

**Выдал:** Секретарь Центральной избирательной комиссии

__________________________ ______________
*(фамилия, имя, отчество)* *(подпись)*

**Принял:** Руководитель инициативной группы

__________________________ ______________
*(фамилия, имя, отчество)* *(подпись)*

______________
*(дата)*

В каждый подписной лист должна быть включена информация (образец 17) о том, что данное лицо собирало подписи лично и что данные являются достоверными, а также должны быть указаны фамилия, имя, отчество лица, собиравшего подписи, номер паспорта или заменяющего его документа, личная подпись, а также наименование города, поселка в котором производился сбор подписей.

***Образец 17***

**12 ФЕВРАЛЯ 2017 ГОДА**
**ВЫБОРЫ ПРЕЗИДЕНТА ТУРКМЕНИСТАНА**

**Приложение к подписному листу поддерживающие подписями группами граждан**

______________________________________________
*(фамилия, имя, отчество выдвигаемого кандидата)*

______________________________________________
*(фамилия, имя, отчество лица, номер паспорта или заменяющего документа собиравшего подписи)*

Я заверяю в подлинности собранных мною подписей и сведений в каждом из подписных листов

______________________________________________
*(название города, посёлка, села, в которых собраны подписи)*

__________________          __________________
*(дата)*          *(подпись)*

Для того, чтобы собранные подписи избирателей засчитали действительными, они должны соответствовать положениям, указанным в Избирательном кодексе Туркменистана. За сохранность и опрятность подписных листов, ответственность несет принявший член инициативной группы.

## 3. Проверка подлинности подписей

Члены инициативной группы, занимавшиеся сбором подписей, сдают заполненные подписные листы в избирательную комиссию соответствующего этрапа, города. Эта избирательная комиссия в пятидневный срок проверяет достоверность подписей в подписных листах согласно нижеследующим требованиям.

О каждом случае проведения проверки подписей должны уведомляться все выдвигаемые кандидаты. При проведении проверки подписей вправе присутствовать кандидаты или представители их инициативных групп.

Проверке и учёту не подлежат подписи, находящиеся в подписных листах, но исключённые (вычеркнутые) выдвинутыми кандидатами, представителями инициативной группы до предоставления подписных листов в избирательную комиссию, если об этом была сделана специальная отметка. Избирательная комиссия этрапа, города проверку достоверности подписей осуществляет с привлечением соответствующих служб (представители местной полиции, специалисты генгешлика этрапа, города, посёлка и отделы Актов гражданского

состояния). Проверке могут подлежать либо все представленные подписи, либо часть этих подписей, отобранных для проверки посредством случайной выборки (жребия).

**Данные подписи считаются недействительными:**

– фиктивные подписи (выполненные от имени несуществующих лиц);

– подписи избирателей, выполненные от имени разных лиц одним лицом или от имени одного лица другим лицом;

– подписи лиц, не обладающих избирательным правом;

– подписи избирателей, указавших в подписном листе данные, не соответствующие действительности;

– подписи избирателей, собранные до установленного срока выдвижения кандидатов;

– подписи избирателей при отсутствии одного или нескольких данных, установленных Избирательным кодексом Туркменистана;

– подписи в подписном листе избирателей, не проживающих на соответствующей территории;

– подписи избирателей, если данные о них внесены в подписной лист нерукописным способом или ка-

рандашом, а также подписи, дата внесения которых выполнена избирателями несобственноручно;

– все подписи избирателей в подписном листе, если подписи собраны лицом, не являющимся членом инициативной группы, или если подписной лист не подписан членом инициативной группы либо подписан другим членом инициативной группы, не собиравшим эти подписи.

При несоблюдении требований, предусмотренных в 46 статье Избирательного кодекса Туркменистана, подписной лист признаётся недействительным.

Избирательная комиссия соответствующего этрапа, города после проверки (приложение 1), возвращает сдавшему их члену инициативной группы с приложением заключения о проверке.

**Приложение 1**

**___________________ велаята (города Ашхабада)**

**___________________ избирательная комиссия этрапа, города**

# ЗАКЛЮЧЕНИЕ

Инициативная группа выдвигающего кандидата на проводимых выборах Президента Туркменистана 12 февраля 2017 года

______________________________________________________________

*(фамилия, имя, отчество выдвигаемого кандидата)*

находящейся по адресу ____________________________________

*(адрес инициативной группы)*

«__»_______2017 года сдала ____подписных листов, в каждом из которых ____ подписей.

В заключение в подписных листах с подписями засчитались действительными ______подписей, недействительными _____ подписей, и «__»_______2017 года подписные листы были возвращены представителю инициативной группы ______________________________________

*(фамилия, имя, отчество представителя инициативной группы)*

______________ ___________________________

*(Подпись)* *(фамилия, имя)*

**Председатель избирательной комиссии** __________*М.П.*

______________________________________________________________

*(название избирательной комиссии)*

## 4. Сдача подписных листов в Центральную избирательную комиссию

После проверки избирательными комиссиями этрапов, городов подписных листов с подписями, инициативная группа, собрав сброшюрованные и пронумерованные подписные листы в поддержку кандидата, сдаёт их в Центральную избирательную комиссию не позднее чем за тридцать дней до дня выборов. При приёме подписных листов Центральная избирательная комиссия заверяет их своей печатью и выдаёт акт о приёме подписных листов с указанием количества подписей избирателей, даты и времени приёма (образец 18). В акте расписываются представители Центральной избирательной комиссии и инициативной группы. Один из оригиналов акта передаётся руководителю инициативной группы.

Если в результате проверки достоверности подписей будет установлено, что свыше двух процентов собранных подписей являются недостоверными, Центральная избирательная комиссия отказывает выдвигаемому кандидату в регистрации.

Об отказе выдвигаемому кандидату в Президенты Туркменистана незамедлительно сообщается инициативной группе граждан.

*Образец 18*

**12 февраля 2017 года**

**ВЫБОРЫ ПРЕЗИДЕНТА ТУРКМЕНИСТАНА**

**ПОДТВЕРЖДЕНИЕ**

**о приёме подписных листов Центральной избирательной комиссией по проведению выборов и референдумов в Туркменистане**

В соответствии с 46 статьей Избирательного кодекса Туркменистана, подтверждаем о приеме подписных листов от групп граждан выдвигаемого кандидата

______________________________________________
*(фамилия, имя, отчество выдвигаемого кандидата)*

инициативной группы, находящейся по адресу _________
______________________________________________
*(адрес инициативной группы)*

«___»_______2017 года в ___:___ часов были получены ____ количество подписных листов с ____ количеством подписей

**Выдал:** Секретарь Центральной избирательной комиссии

______________________ ____________
*(фамилия, имя, отчество)* *(подпись)*

**Принял:** Руководитель инициативной группы граждан

______________________ ____________
*(фамилия, имя, отчество)* *(подпись)*

## 5. Регистрация выдвигаемых кандидатов в Президенты Туркменистана

Регистрация кандидатов в Президенты Туркменистана осуществляется Центральной избирательной комиссией. Регистрация начинается за пятьдесят дней и заканчивается за двадцать пять дней до выборов.

Центральная избирательная комиссия принимает решение о регистрации кандидатов в соотвествии с Избирательным кодексом Туркменистана и при наличии заявлений выдвинутых кандидатов о согласии баллотироваться. Центральная избирательная комиссия составляет протокол о регистрации кандидатов, который вместе с заявлениями кандидатов о согласии баллотироваться хранится в Центральной избирательной комиссии.

Центральная избирательная комиссия выдаёт зарегистрированным кандидатам соответствующее удостоверение.

Центральная избирательная комиссия обязана зарегистрировать всех кандидатов, выдвинутых с соблюдением требований Избирательного кодекса Туркменистана. Отказ в регистрации может быть обжалован в вышестоящую избирательную комиссию или суд в трёхдневный срок. Жалоба должна быть рассмотрена не позднее чем в трёхдневный срок. Кандидат, входящий в состав какой-либо избирательной комиссии или являющийся наблюдателем, считается исключённым из состава комиссии или прекратившим исполнение полномочий наблюдателя с момента его регистрации.

## MAZMUNY

Giriş.......................................................................................5
I. Umumy düzgünler ...................................................................6
II. Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärleri hödürlemegiň tertibi .....................................................................................8
III. Raýatlar toparlary tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärleri hödürlemegiň tertibi ...............................................9
1. Raýatlaryň teklipçi toparlarynyň döredilmegi we bellige alynmagy...................................................................................9
2. Raýatlaryň teklipçi toparynyň agzalary tarapyndan gollary ýygnamagyň tertibi ....................................................................11
3. Gollaryň hakykylygyny barlamak ..........................................18
4. Gol çekilen kagyzçalary Merkezi saýlaw toparyna tabşyrmak...21
5. Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärlige hödürlenilenleriň bellige alynmagy ....................................................................23

## СОДЕРЖАНИЕ

Введение ....................................................................26
I. Общие положения.......................................................27
II. Порядок выдвижения кандидатов в Президенты Туркменистана.......................................................28
III. Порядок выдвижения кандидата в Президенты Туркменистана группами граждан ..........................29
1. Образование и регистрация инициативных групп, образованных группами граждан ..........................29
2. Порядок сбора подписей членами инициативной группы граждан .....................................................................31
3. Проверка подлинности подписей ............................38
4. Сдача подписных листов в Центральную избирательную комиссию......................................................................42
5. Регистрация выдвигаемых кандидатов в Президенты Туркменистана.......................................44

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTLIGINE
DALAŞGÄR HÖDÜRLEMEK BOÝUNÇA
TEKLIPÇI TOPARLAR ÜÇIN

ÝATLAMA


| | |
|---|---|
| Redaktorlar | *Ş.Myratgulyýewa, A.Popow* |
| Surat redaktory | *O.Çerkezowa* |
| Teh.redaktor | *O.Nurýagdyýewa* |

Çap etmäge rugsat edildi 15.12.2016. Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 2,74. Şertli reňkli ottiski 11,21.
Hasap-neşir listi 1,23. Çap listi 3,0.
Sargyt № 2993. Sany 1000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.